#76 (98)
вторник, 06 июня 2022 года

# Интернет газета
# Международные новости

Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана



# Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň we Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň bilelikdäki giňişleýin mejlisi

2022-nji ýylyň 4-nji iýunynda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň we Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň bilelikdäki giňişleýin mejlisini geçirdi. Onda şu ýylyň bäş aýynda ykdysadyýetimiziň pudaklarynda alnyp barlan işleriň jemi jemlenildi hem-de birnäçe resminamalaryň taslamalaryna garaldy, beýleki käbir meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy. Mejlise welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimleri hem çagyryldy.

Döwlet Baştutanymyz mejlisiň gün tertibine geçip, Milli Geňeşiň Mejlisiniň Başlygy G.Mämmedowa söz berdi. Ol şu ýylyň başyndan bäri milli kanunçylygy kämilleşdirmek boýunça ýerine ýetirilen işler barada maglumat berdi.

Mejlisiň iki maslahatynyň barşynda Türkmenistanyň Kanunlarynyň 23-si hem-de Mejlisiň kararlarynyň 15-si kabul edildi. Ýurdumyzyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlaryna laýyklykda, häzirki wagtda dürli ulgamlaryň we pudaklaryň işini kadalaşdyrýan kanunçylyk namalaryny kämilleşdirmek boýunça işler dowam edýär.

Halkara we parlamentara gatnaşyklary ösdürmek maksady bilen duşuşyklaryň birnäçesi geçirildi. Mejlisiň deputatlary kanun çykaryjylyk işini kämilleşdirmek, döwlet maksatnamalarynyň durmuşa geçirilmegini üpjün etmek meseleleri babatda halkara guramalar bilen duşuşyklaryň ençemesine gatnaşdylar. Bellenilişi ýaly, Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen hem-de hormatly Prezidentimiziň goldaw bermeginde Aşgabatda Merkezi Aziýa döwletleriniň we Russiýa Federasiýasynyň Parlamentara forumy hem-de zenanlaryň dialogy geçirildi.

Soňra Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygynyň orunbasary K.Babaýew ýurdumyzyň kanunçylygyny has-da kämilleşdirmek boýunça ýanwar — maý aýlarynda amala aşyrylan toplumlaýyn işler barada maglumat berdi.

Halk Maslahatynda we Mejlisde döredilen iş toparlary sebitleri ösdürmäge, ýerli öz-özüni dolandyryş edaralarynyň, notarial we salgyt düzümleriniň işini kämilleşdirmäge, ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmaga gönükdirilen kanunlaryň taslamalaryny seljerýärler hem-de ara alyp maslahatlaşýarlar. Halk Maslahatynyň iki mejlisinde kanunlaryň taslamalarynyň birnäçesi ara alnyp maslahatlaşyldy. Olar Gahryman Arkadagymyz tarapyndan makullanyldy we kabul edildi.

Parlamentara hyzmatdaşlygy ösdürmek bilen baglylykda halkara maslahatlar, forumlar we sanly ulgam arkaly duşuşyklar geçirildi. Halk Maslahatynyň agzalary GDA-nyň Parlamentara Assambleýasynyň 30 ýyllygyna bagyşlanan dabaralara hem-de Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygyndaky wekilýetiň düzüminde Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň paýtagtynda geçirilen “Russiýa — yslam dünýäsi: KazanSummit 2022” XIII halkara ykdysady sammitiniň mejlisine gatnaşdylar.

Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygynyň Ahal, Balkan we Daşoguz welaýatlarynda iş saparlarynda bolandygy, şolaryň barşynda ýurdumyzyň sebitlerinde amala aşyrylýan işler bilen tanşandygy bellenildi.

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow ýurdumyzda ýaşlar syýasatyny durmuşa geçirmek ulgamynda uly işleriň alnyp barylýandygyny, bu işe aýratyn üns berilýändigini nygtady. Ýaş nesli hakyky watançylyk we milletiň belent ruhy-ahlak gymmatlyklary ruhunda terbiýelemek, ýaş türkmenistanlylaryň ýokary hilli bilim almagy, ylym, döredijilik, sport bilen meşgullanmagy, ukyp-başarnyklaryny we zehinini ýüze çykarmagy, aň-paýhas kuwwatyny ösdürmekleri üçin ähli şertleri üpjün etmek döwlet strategiýasynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir.

Döwlet Baştutanymyz bu ugurda işleri kämilleşdirmek bilen baglylykda Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň agzalarynyň we Mejlisiň deputatlarynyň syýasy partiýalar hem-de jemgyýetçilik guramalary, şol sanda Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasy we Zenanlar birleşigi bilen bilelikde bu işe has işjeň gatnaşmagynyň maksadalaýyk boljakdygyny aýtdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Ş.Abdrahmanow gözegçilik edýän pudaklarynda şu ýylyň ýanwar — maý aýlarynda alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, wise-premýere nebitgaz toplumynyň önümçilik-hojalyk işini yzygiderli seljermek, onuň kuwwatyndan netijeli peýdalanmak, önümçilik ulgamlaryny döwrebaplaşdyrmak, häzirki zaman tehnologiýalaryny giňden ornaşdyrmak barada birnäçe tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary E.Orazgeldiýew gözegçilik edýän pudaklarynda şu ýylyň bäş aýynda alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi. Obasenagat toplumy boýunça, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, önümleri öndürmegiň möçberleriniň görkezijileri hem-de ýurdumyzda azyk önümleriniň öndürilişi barada habar berildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, wise-premýeriň oba hojalyk toplumyna ýolbaşçylyk etmek boýunça öz üstüne ýüklenen borçlary ýerine ýetirmegi başarmaýandygyny aýtdy. Döwlet Baştutanymyz oba hojalyk pudagyny ösdürmek boýunça döwlet strategiýasynyň pes derejede durmuşa geçirilýändigini, bu pudagyň esasy wezipeleriniň binýatlyk oba hojalyk ekinleriniň öndürilýän möçberini artdyrmakdan ybaratdygyny nygtady.

Döwlet Baştutanymyz Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň oba hojalyk toplumy boýunça orunbasary wezipesine A.Ýazmyradowy belläp, ony Türkmenistanyň Prezidentiniň oba hojalyk meseleleri boýunça geňeşçisi wezipesinden boşatmak barada karara gelendigini habar berdi.

Soňra täze bellenen wise-premýere söz berildi. Ol özüne bildirilen ynam üçin hoşallyk bildirip, bu düzümiň öňünde goýlan maksatlary hem-de wezipeleri yzygiderli ýerine ýetirmek ugrunda ähli güýjüni, tejribesini we bilimini gaýgyrmajakdygyny ynandyrdy.

Türkmenistanyň Prezidenti wise-premýer A.Ýazmyradowa, welaýatlaryň häkimlerine ýüzlenip, ýurdumyzyň ilatynyň ýerli azyk önümleri bilen üpjünçiligini has-da gowulandyrmagyň zerurdygyny nygtady. Ot-iým binýadyny döretmek üçin zerur işler tapgyrlaýyn durmuşa geçirilmelidir. Bu ugurda maldarçylyk hojalyklarynyň, hususy pudagyň mümkinçiliklerinden netijeli peýdalanylmagy üçin degişli işler alnyp barylmalydyr, oba hojalyk maksatly ekin meýdanlarynyň we öri meýdanlarynyň maksadalaýyk hem-de netijeli ulanylmagyny gazanmak möhümdir diýip, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow aýtdy.

Soňra gözegçilik edýän ulgamlarynda şu ýylyň bäş aýynda alnyp barlan işleriň netijeleri barada Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M.Çakyýew hasabat berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Ç.Purçekow gözegçilik edýän gurluşyk, senagat we energetika toplumynyň, “Türkmenhimiýa” döwlet konserniniň hem-de paýtagtymyzyň häkimliginiň şu ýylyň bäş aýynda alyp baran işleriniň netijeleri barada hasabat berdi.

Hasabat döwründe önüm öndürmek we gurluşyk-senagat ulgamynda işleri ýerine ýetirmek baradaky meýilnama 148,8 göterim ýerine ýetirildi. Gurluşyk we binagärlik ministrligi şu ýylyň ýanwar — maý aýlarynda degişli meýilnamany 112,7 göterim berjaý etdi. Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrligi önüm öndürmek hem-de işleri amala aşyrmak baradaky meýilnamany 169,0 göterim ýerine ýetirdi.

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, içerki bazary daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan senagat önümleri we gurluşyk serişdeleri bilen üpjünçiligi gowulandyrmak boýunça yzygiderli işleri geçirmegiň wajypdygyna ünsi çekip, innowasion tehnologiýalara hem-de ylmyň we tehnikanyň soňky gazananlaryna esaslanýan täze önümçilikleri döretmegi dowam etdirmelidigini nygtady. Elektron senagatda döwrebap önümleriň öndürilmegini üpjün etmek babatda hem degişli görkezmeler berildi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Ç.Gylyjow gözegçilik edýän söwda toplumynda şu ýylyň bäş aýynda alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi. Hasabatyň barşynda, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, öndürilen önümleriň möçberleriniň hem-de ýerine ýetirilen hyzmatlaryň görkezijileri barada habar berildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp we wise-premýere ýüzlenip, soňky döwürde gözegçilik edýän düzümleriniň işine gözegçiligi gowşadandygyny, ilatyň sarp edýän harytlarynyň, aýratyn-da,

*(Dowamy 2-nji sahypada).*

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ РУКОВОДСТВО ИТАЛЬЯНСКОЙ РЕСПУБЛИКИ

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Итальянской Республики Серджио Маттарелле, Премьер-ми¬нистру Итальянской Республики Марио Драги и всему дружественному народу страны по случаю национального праздника Италии – Дня Республики.

С удовлетворением отметив систематическое укрепление и совершенствование отношений между Туркменистаном и Итальянской Республикой, глава государства выразил твёрдую уверенность в дальнейшем развитии налаженного сотрудничества в политической, торгово-экономической, культурно-гуманитарной и других сферах в интересах наших народов.

Пользуясь этой приятной возможностью, глава государства выразил Президенту Серджио Маттарелле и Премьер-министру Марио Драги искренние пожелания крепкого здоровья и счастья, а дружественному народу Итальянской Республики – мира, благополучия и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА НАПРАВИЛ ПОЗДРАВИТЕЛЬНОЕ ПОСЛАНИЕ КОРОЛЕВЕ ЕЛИЗАВЕТЕ II

Президент Сердар Бердымухамедов направил от имени народа и Правительства Туркменистана, а также от себя лично искренние поздравления Королеве Соединённого Королевства Великобритании и Северной Ирландии Елизавете II по случаю Платинового юбилея – 70-летия восшествия на престол, а также дня рождения.

«Благодаря дальновидному правлению и неустанному труду в течение минувших лет Вы снискали высокий авторитет», – говорится в послании.

Сделав акцент на том, что в нынешнем году отмечается 30-летие установления дипломатических отношений между Туркменистаном и Соединённым Королевством Великобритании и Северной Ирландии, глава государства подчеркнул отдельный вклад Её Величества в укрепление и активизацию двусторонних дружественных связей и выразил уверенность в их поступательном развитии.

Пользуясь возможностью, Президент Сердар Бердымухамедов выразил Королеве Елизавете II искренние пожелания крепкого здоровья и счастья, а народу Королевства – мира, благополучия и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ КОРОЛЯ ШВЕЦИИ

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Королю Швеции Карлу XVI Густаву и народу страны по случаю Национального дня Швеции.

Пользуясь возможностью, глава государства выразил Королю Карлу XVI Густаву искренние пожелания крепкого здоровья и счастья, а народу Швеции – мира, благополучия и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА НАПРАВИЛ СОБОЛЕЗНОВАНИЯ ПРЕЗИДЕНТУ ФЕДЕРАТИВНОЙ РЕСПУБЛИКИ БРАЗИЛИЯ

Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов направил глубокие соболезнования Президенту Федеративной Республики Бразилия Жаиру Болсонару в связи с произошедшими в штате Пернамбуку из-за проливных дождей наводнениями и оползнями, приведшими к многочисленным человеческим жертвам, увечьям, а также масштабным разрушениям.

Глава Туркменистана передал слова глубокого сопереживания и поддержки в этот тяжёлый момент родным и близким погибших и пожелания скорейшего выздоровления пострадавшим.

Интернет газета
Международные новости

# Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow Saud Arabystany Patyşalygyna sapary amala aşyrdy



2022-nji ýylyň 1-nji iýunynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň umra hajy däp-dessurlaryny berjaý etmek üçin Saud Arabystany Patyşalygyna iki günlük sapary başlandy. Döwlet Baştutanymyzyň Türkmenistanyň Prezidenti wezipesine saýlanyp, daşary ýurda ilkinji saparynyň yslam dünýäsinde keramatly saýylýan mukaddes ýerlere amala aşyrylýandygy bellärliklidir.

Paýtagtymyzyň Halkara howa menzilinden döwlet Baştutanymyzy Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygy we Milli Geňeşiň Mejlisiniň Başlygy, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary, harby we hukuk goraýjy edaralaryň ýolbaşçylary, Ahal welaýatynyň hem-de Aşgabat şäheriniň häkimleri ugratdylar. Olar hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa ak ýol arzuw edip, Muhammet pygamberiň Watanynda etjek zyýaratynyň kabul bolmagyny dilediler.

Bu ýerde Türkmenistanyň müftüsi Beýik Biribardan ýurdumyzyň wekiliýetiniň ýolunyň ak, işleriniň rowaç, hormatly Prezidentimiziň beýik maksatlaryny nazarlaýan tutumlarynyň şowly, doga-dilegleriniň kabul bolmagyny dileg etdi.

Arkadagly Serdarymyz bilen bir uçarda, keramatly topraga zyýarat etmek üçin ýurdumyzyň ähli welaýatlaryna we Aşgabat şäherine wekilçilik edýän hormatly ýaşulularyň, kümüş saçly eneleriň hem gidendigini bellemeli.

...Hemmeler bilen mähirli hoşlaşyp, döwlet Baştutanymyz uçara mündi.

Hormatly Prezidentimiziň uçary Saud Arabystany Patyşalygynyň “ykdysady paýtagty” diýlip atlandyrylýan we ululygy boýunça ikinji şäheri bolan Jidda tarap ugur aldy.

Uçuşyň dowamynda Arkadagly Serdarymyz bilen bilelikde keramatly ýerlere zyýarata barýan hormatly ýaşulular we ak gyňaçly eneler yslam dünýäsinde mukaddes çäreleriň biri hasaplanýan umra hajyny berjaý etmäge döredilen mümkinçilik üçin hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden alkyş sözlerini aýtdylar. Olar mähriban Watanymyzyň abadançylygy, halkymyzyň bagtyýarlygy ugrunda yzygiderli tagalla edýän Arkadagly Serdarymyzyň janynyň sag, ömrüniň uzak bolmagyny, beýik tutumlarynyň rowaçlyklara beslenmegini dileg etdiler.

Birnäçe wagtdan soň, wekiliýetiň ähli agzalary zyýarat üçin niýetlenen yhram lybasyny geýdiler. Hormatly Prezidentimiz wekiliýetiň agzalaryna ýüzlenip, olaryň zyýaratlarynyň kabul bolmagyny dileg etdi we hormatly ýaşulularyň, eneleriň hal-ahwallary bilen gyzyklandy.

Zyýarata barýan ýaşulular we dili senaly eneler, ilkinji nobatda, Arkadagly Serdar bilen bir uçarda mukaddes ýerlere gitmegiň özleri üçin belent mertebedigini nygtadylar we bildirilen hormat üçin hormatly Prezidentimize alkyş sözlerini aýdyp, döwlet Baştutanymyzyň zyýaratynyň kabul bolmagyny Beýik Biribardan dileg etdiler.

Jidda ýurduň diňe bir iri diplomatik we ykdysady merkezi bolman, eýsem, yslamyň esasy mukaddesliklerine — Mekge we Medinä haj parzyny berjaý etmäge gelýän köp sanly musulmanlaryň ilki bilen ýygnanýan ýeridir.

Dört sagada golaý uçuşdan soňra, hormatly Prezidentimiziň uçary Saud Arabystany Patyşalygynyň Jidda şäheriniň Halkara howa menziline gelip gondy. Howa menzilinde belent mertebeli türkmen myhmanyny Mekge welaýatynyň häkimi, Saud Arabystanynyň Patyşasynyň geňeşçisi Halid bin Feýsal Al Saud we beýleki resmi adamlar garşylaýarlar.

Jiddanyň Halkara howa menzilinden hormatly Prezidentimiziň ulag kerweni yslam dünýäsiniň ruhy paýtagtyna — mukaddes Mekge şäherine ugraýar.

Bu ýerde biziň eýýamymyzyň 570-nji ýylynda yslam dinini esaslandyran Muhammet pygamber dünýä inýär. Yslam dinine görä, Muhammet pygamber iň soňky pygamber we Allatagalanyň resuly bolup, oňa mukaddes kitap — Gurhan inderilýär.

Mekge ýylda millionlarça musulmany kabul edýän halkara zyýarat merkezidir. Hut şu ýerde — mukaddes şäheriň ýüreginde, dünýäniň iň uly we esasy metjidi bolan Al-Haram metjidi ýerleşýär. Bu metjit öz taryhynyň dowamynda birnäçe gezek täzeden guruldy. Soňky ýyllarda onda düýpli abatlaýyş işleri geçirildi we giňeldildi. 1980-nji ýyllaryň ahyrynda geçirilen abatlaýyş işleriniň barşynda metjidiň günorta-günbatar tarapynda iki minaraly täze, uly bina guruldy. Hut şu binada hem metjidiň esasy girelgesi — Patyşa Fahdyň derwezesi ýerleşýär.

2007 — 2012-nji ýyllar aralygynda Saud Arabystanynyň Patyşasynyň — Iki mukaddesligiň hyzmatkäriniň gözegçilik etmeginde Al-Haram metjidinde nobatdaky giň möçberli abatlaýyş işleri geçirildi. Esasan, demirgazyk tarapa giňeldilmeginiň netijesinde, onuň eýeleýän meýdany 400 müň inedördül metre çenli ýetdi. Ozalky 9 minaranyň üstüne ýene-de ikisi goşuldy, şeýle-de Patyşa Abdallanyň täze derwezesi guruldy.

Al-Haram metjidiniň içerki howlusynyň merkezinde yslamyň esasy mukaddesligi — Käbe ýerleşýär. Ol daşdan gurlan hem-de beýikligi 15 metr kub görnüşli bina bolup, onuň çüňkleri dünýäniň dört tarapyny görkezýär.

Her ýyl Käbe üçin gara reňkli ýüpek matadan ýörite ýapynja taýýarlanylýar. Onuň ýokarky bölegi altyn sapaklarda ýazylan Gurhanyň süreleri bilen bezelýär.

Käbe “al-Bait al-Haram” diýlip atlandyrylyp, arapça «mukaddes öý» diýmegi aňladýar. Dünýäniň ähli musulmanlary üçin ol kybla bolup hyzmat edýär. Musulmanlar namaz okanlarynda, ýüzlerini şoňa tarap öwürýärler.

Käbäniň gündogar tarapynda, bir ýarym metr belentlikde Allatagala tarapyndan inderilen Hajar al-Asweti (Gara daş) oturdylypdyr. Zyýarat wagtynda musulmanlar şol daşa ellerini degirýärler.

Rowaýata görä, Gara daş asmandan inen wagtynda göz gamaşdyryjy ap-ak reňkde bolup, ony Mekgeden dört günlük uzaklykdan hem görmek mümkin eken. Soňra günä iş edenleriň köp sanlysynyň elleriniň degmegi bilen, ol garalyp, şu wagtky durkuna ýetipdir.

Şeýle hem Al-Haram metjidinde mukaddes Zemzem çeşmesi bar. Şol çeşmäniň töwereginde-de Mekge döräpdir.

Haj diňe bir mukaddes ýerlere zyýarat we uly sogap işleriň biri bolmak bilen çäklenmän, eýsem, yslamyň bäş parzynyň biridir hem-de mümkinçiligi bolan her bir musulman üçin hökmanydyr, ýöne adamlaryň millionlarçasy haj üçin kesgitlenen ýörite aýda däl-de, ýylyň islendik beýleki wagtynda umra hajyny ýerine ýetirýärler.

Umra we haj ýerine ýetirilenden soňra, musulmanlaryň köňli aram tapyp, ruhy taýdan päklenýär diýlip düşünilýär.

Yhram haj we umra dessurlaryny ýerine ýetirmek zyýaratçynyň mukaddes dessury berjaý etmäge girişmegini niýet edinýändigini alamatlandyrýan ilkinji hereket bolup durýar.



Zyýaratçylar haj parzyny berjaý etmezden ozal, tutuş bedenini tämizleýärler we mukaddes parzy ýerine ýetirmegi niýet edinýändigini eşidiler ýaly edip aýdýarlar hem-de ýörite doga okaýarlar.

Päk niýetliligi we Allatagalanyň öňünde hemmäniň deňligini aňladýan ýörite ak

*(Dowamy 3-nji sahypada).*

# Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň we Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň bilelikdäki giňişleýin mejlisi

***(Başlangyjy 1-nji sahypada).***

oba hojalyk pudagynyň önümleriniň öndürilişini artdyrmak boýunça işleriň haýal alnyp barylýandygyny nygtady. Söwda toplumynyň, sanly ulgamy ornaşdyrmak nazara alnanda, häzirki zaman üpjünçilik düzümlerini emele getirmek boýunça işler hem ýaramaz ýola goýlupdyr. Şonuň netijesinde söwda ulgamynda köp sanly düzgün bozmalara ýol berilýär. Döwlet Baştutanymyz daşary ýurtlardan getirilýän önümleriň ornuny tutýan harytlary öndürmek boýunça işleriň hem ýaramaz alnyp barylýandygyna ünsi çekip, bu ugurda entek uly mümkinçilikleriň bardygyny, olaryň ýeterlik ulanylmaýandygyny belledi.

Şoňa görä-de, hormatly Prezidentimiz işde goýberen kemçilikleri üçin, Ç.Gylyjowyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary wezipesinden boşadylýandygyny aýtdy.

Döwlet Baştutanymyz Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň söwda toplumy boýunça orunbasary wezipesine Batyr Atdaýewi bellemek barada karara gelendigini habar berip, ony Türkmenistanyň Baş prokurory wezipesinden boşatdy.

B.Atdaýew bildirilen ynam üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, söwda toplumynyň öňünde goýlan wezipeleri çözmek ugrunda ähli tagallalaryny gaýgyrmajakdygyna hormatly Prezidentimizi ynandyrdy. Döwlet Baştutanymyz Serdar Berdimuhamedow oňa jogapkärli işinde üstünlikleri arzuw etdi.

Soňra Türkmenistanyň Prezidenti Baş prokuroryň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetirmegi Baş prokuroryň orunbasary, Baş müdirligiň müdiri, ýustisiýanyň uly geňeşçisi B.Begmyradowyň üstüne ýüklemek kararyna gelendigini aýtdy.

Döwlet Baştutanymyz täze bellenen wise-premýere ýüzlenip, biziň ýurdumyzyň amatly ulag gatnawlarynyň çatrygynda ýerleşýändigini, şonuň netijesinde dünýäniň ähli ýurtlary bilen diýen ýaly ykdysady we söwda gatnaşyklaryny ösdürmek üçin uly mümkinçiliklere eýedigini nygtady. Şunuň bilen baglylykda, ministrlikleriň we pudak edaralarynyň ýolbaşçylary bilen ýurdumyzda öndürilýän harytlaryň daşary ýurtlara iberilýän möçberlerini artdyrmak boýunça has netijeli işleri alyp barmak, daşary ýurtly hyzmatdaşlarymyz bilen ýygjam daşary-ykdysady gatnaşyklary ýola goýmaga aýratyn üns bermek barada tabşyryk berildi.

Ýurdumyzda öndürilýän önümleriň daşary ýurtlara iberilýän we daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleriň öndürilýän möçberlerini artdyrmak boýunça maksatnamany durmuşa geçirmegi çaltlandyrmak babatda degişli işler geçirilmelidir diýip, hormatly Prezidentimiz nygtady.

Döwlet Baştutanymyz Serdar Berdimuhamedow döwlete dahylsyz pudagyň kuwwatyny doly derejede ulanmak, şol sanda daşary ýurtlara ibermek üçin çig maly gaýtadan işlemek boýunça gyssagly çäreleri işläp taýýarlamagy we durmuşa geçirmegi tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow şu ýylyň ýanwar — maý aýlarynda DIM-niň alyp baran işleriniň netijeleri barada hasabat berdi.

Hasabat döwründe Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat strategiýasyny durmuşa geçirmek üçin daşary ýurtlar we halkara guramalar bilen ikitaraplaýyn hem-de köptaraplaýyn gatnaşyklar babatda oňyn hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça degişli işler alnyp baryldy. Şu ýylyň 1-2-nji iýunynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň Saud Arabystany Patyşalygyna sapary boldy. Şonda döwlet Baştutanymyz Mekge şäherinde umra hajyny berjaý etdi hem-de Medine şäherine baryp gördi.

Hasabat döwründe hormatly Prezidentimiziň birnäçe ýurtlaryň ýolbaşçylary bilen telefon arkaly söhbetdeşlikleri geçirildi. Aprel aýynda Hindistan Respublikasynyň Prezidenti döwlet sapary, Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň Prezidenti bolsa iş sapary bilen Türkmenistana geldi.

Häzirki wagtda möhüm halkara çärelere taýýarlyk görmek boýunça işler dowam edýär. Daşary işler ministrlikleriniň ugry boýunça ikitaraplaýyn geňeşmeler yzygiderli geçirilýär. Şu ýylyň geçen döwründe bu ugurda duşuşyklaryň birnäçesi geçirildi. Ýanwar — maý aýlarynda dürli ýurtlar bilen, şol sanda bilelikdäki hökümetara toparlaryň hem-de beýleki degişli düzümleriň çäklerinde ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça duşuşyklar we gepleşikler yzygiderli guraldy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, wise-premýere, daşary işler ministrine ýurdumyzyň hökümet wekiliýetiniň we daşary ýurtlaryň hökümet wekiliýetleriniň saparlaryna, Halkara Bitaraplyk gününe, şeýle-de beýleki halkara meselelere bagyşlanan maslahatlara, çärelere gowy taýýarlyk görülmegini üpjün etmegi tabşyrdy.

Soňra hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow mejlise gatnaşyjylara ýüzlenip, onda, esasan, iki meselä seredilendigini, ýurdumyzyň obasenagat toplumyny mundan beýläk-de ösdürmek, söwda we hyzmatlar ulgamynyň işini kämilleşdirmek, telekeçiligi höweslendirmek boýunça möhüm wezipeleriň kesgitlenendigini belledi.

Döwlet Baştutanymyz gürrüňi dowam edip, Ahal, Lebap we Mary welaýatlarynda galla oragyna girişilendigini belläp, bu welaýatlaryň häkimlerine orak möwsümini ýokary hilli, gysga möhletde, ýokary derejede geçirmek, möwsümde tehnikalary bökdençsiz işletmek, kärendeçi gallaçylar bilen tabşyrylan hasyl üçin hasaplaşyklary öz wagtynda geçirmek babatda anyk tabşyryklary berdi.

Döwlet Baştutanymyz wise-premýer A.Ýazmyradowa welaýatlaryň häkimleri bilen bilelikde bugdaý, pagta, gök we bakja ekinlerini öndürmek boýunça bellenen meýilnamalaryň ýerine ýetirilişini, bu işlerde ýola goýlan degişli guramaçylyk meselelerini yzygiderli gözegçilikde saklamagy ýola goýmak barada anyk görkezmeleri berdi.

Hormatly Prezidentimiz wise-premýer B.Atdaýewe ýüzlenip, ýurdumyzda söwda toplumynyň işini döwrüň talabyna laýyk derejede kämilleşdirmek, hususyýetçiligi ösdürmek bilen baglanyşykly meseleleriň wajypdygyna ünsi çekip, toplumyň öňünde durýan wezipeleri kesgitledi. Şunuň bilen baglylykda ýurdumyzda harytlaryň bolçulygyny ýola goýmak, söwdanyň we hyzmatlar ulgamynyň medeniýetini ýokarlandyrmak, bazarlarda dürli görnüşli azyk önümleriniň üpjünçiligini yzygiderli gowulandyrmak meseleleri häzirki döwrüň wajyp wezipeleriniň hatarynda durýar. Şunda toplumyň ähli düzümleriniň maliýe ýagdaýyny gowulandyrmaga möhüm ähmiýet berilmelidir.

Hormatly Prezidentimiz kiçi we orta telekeçiligiň işini ösdürmek, telekeçilik başlangyçlaryny höweslendirmek we hususyýetçiligiň ykdysadyýetimiziň ähli ulgamlarynda eýeleýän ornuny pugtalandyrmak boýunça zerur işleriň geçirilmelidigini belläp, bu babatda degişli ýolbaşçylara anyk tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň we Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň bilelikdäki giňişleýin mejlisinde başga-da birnäçe möhüm meselelere garaldy we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

Nygtalyşy ýaly, ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ösüşinde gazanylan depgin durnukly saklanýar. Kabul edilen ähli durmuş maksatnamalary üstünlikli amal edilýär. Hökümetimiziň we halkymyzyň guramaçylykly işi netijesinde jemi içerki önümiň ösüşi geçen bäş aýda 6,2 göterim möçberde boldy.

Döwlet Baştutanymyz Serdar Berdimuhamedow senagat maksatly desgalaryň, ýaşaýyş jaýlarynyň, çagalar baglarynyň, mekdepleriň we beýleki binalaryň bellenen möçberde gurlup ulanmaga berlendigini aýtdy. Kabul edilen meýilnamalara laýyklykda, energiýa serişdelerini dünýä bazarlaryna diwersifikasiýa ýoly bilen ibermek syýasaty hem üstünlikli dowam etdirilýär.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň we Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň bilelikdäki giňişleýin mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

Интернет газета
Международные новости

# Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Bütindünýä welosiped güni mynasybetli guralan welosipedli ýörişe gatnaşdy




2022-nji ýylyň 3-nji iýunynda, asylly däbe görä, ýurdumyzda Bütindünýä welosiped güni bellenildi. Birleşen Milletler Guramasynyň senenamasynda mynasyp orun eýeleýän bu halkara baýrama gabatlanyp, köpçülikleýin welosipedli ýöriş geçirildi. Oňa hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow gatnaşdy.

Mälim bolşy ýaly, 2018-nji ýylyň 12-nji aprelinde BMG-niň Baş Assambleýasynyň 72-nji sessiýasynyň 82-nji plenar mejlisinde Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy esasynda degişli Kararnama kabul edildi we dünýäniň 56 döwleti onuň awtordaşy bolup çykyş etdi. Ynsan saglygy, raýdaşlyk, dost-doganlyk ýaly umumadamzat gymmatlyklaryna hem-de belent ynsanperwer taglymlara ygrarlylygy alamatlandyrýan bu senäniň döredilmegi parahatçylygyň ilçisi hökmünde sporty giňden wagyz etmek, ýurtlaryň we halklaryň arasynda netijeli hyzmatdaşlygy berkitmek üçin giň mümkinçilikleri açýar.

Şu ýylyň 15-nji martynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 76-njy sessiýasynyň 61-nji plenar mejlisinde ýurdumyzyň teklibi boýunça "Durnukly ösüşi gazanmak üçin köpçülikleýin welosiped sürmegi jemgyýetçilik ulag ulgamlaryna girizmek" atly Kararnamanyň biragyzdan kabul edilendigini hem ýatladýarys. Onuň awtordaşlary bolup 62 döwlet çykyş etdi. Bularyň ählisi dünýä bileleşigi tarapyndan Watanymyzyň bedenterbiýe-sagaldyş we sport hereketiniň ösdürilmegine, jemgyýetde ekologik medeniýetiň kämilleşdirilmegine, milli, sebit hem-de ählumumy derejede Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmäge uly goşandynyň ykrarnamasynyň aýdyň subutnamasydyr.

Şu gezekki welosipedli ýöriş Çandybil şaýolunyň we Bekrewe köçesiniň çatrygynda gurlan hem-de Aşgabadyň özboluşly bezegine öwrülen «Welosiped» binasynyň ýanyndan badalga aldy. Bu täsin binada Watanymyzyň baý taryhy, häzirki zaman gazananlary, türkmen halkynyň ruhubelentligi, parahatçylyk söýüjilik we döredijilik taglymlaryna, umumadamzat gymmatlyklaryna ygrarlydygy öz beýanyny tapdy.

Ir bilen bu ýere Hökümet agzalary, Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň we Mejlisiniň, harby we hukuk goraýjy edaralaryň, ministrlikleriň hem-de pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, paýtagtymyzyň häkimliginiň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň, jemgyýetçilik guramalarynyň ýolbaşçylary, ýokary okuw mekdepleriniň rektorlary, talyplar, halk hojalygynyň dürli pudaklarynyň işgärleri ýygnandylar. Şolaryň hatarynda ýurdumyzda işleýän diplomatik wekilhanalaryň we halkara guramalaryň ýolbaşçylary hem bar.

Hemmeler ýokary ruhubelentlik bilen hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowy garşylaýarlar.

Bütindünýä welosiped güni mynasybetli ýurdumyzyň sungat ussatlarynyň Watanymyzyň gülläp ösüşini hem-de türkmen sportuny wasp edýän joşgunly aýdym-sazly çykyşlary baýramçylyga özboluşly sowgat boldy.

Bu gün Türkmenistanda welosiped sportunyň giňden wagyz edilmegi, sportuň ekologik taýdan arassa bu görnüşine ilaty, esasan-da, ýaşlary çekmek boýunça maksatnamalaýyn çäreler durmuşa geçirilýär. Çünki welosiped beden saglygyny berkitmegiň hem-de özüňi oňat duýmagyň örän netijeli serişdesidir.

Türkmenistanda hem welosiped sporty we sportuň beýleki görnüşleri bilen meşgullanmak üçin ähli şertleriň döredilendigini bellemek gerek. Soňky ýyllarda paýtagtymyzda we welaýatlarda ýaryşlary, türgenleşikleri geçirmek, ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamak, türgenleriň täze neslini terbiýelemek, geljekki olimpiýaçylary kemala getirmek üçin niýetlenen, dünýä ülňülerine laýyk gelýän ugurdaş düzümler döredildi.

Welosipedli gezelençler barada aýdylanda, ol ýokary ruhubelentlik duýgusyny döredýär, daşky gurşawa zyýan ýetirmezden, daşky dünýä bilen tanyşmak, tebigatyň täsin künjeklerinde bolmak mümkinçiligini emele getirýär. Soňky wagtlarda welosipedli syýahatçylygyň giň gerime eýe bolmagy munuň mysalydyr. Pyýada ýöremek bilen deňeşdirilende, welosipedli gezelençler uzak aralyklary az wagtda geçmäge mümkinçilik berýär. Awtoulaglarda gezelenç etmek bilen deňeşdirilende, welosiped päsgelçilikli ýerlerden geçmäge ukyplylygy bilen tapawutlanýar. Umuman, munuň özi işjeň dynç almagyň, şol sanda boş wagtyňy maşgala agzalaryň bilen gyzykly geçirmegiň örän amatly görnüşidir.

Hormatly Prezidentimiz welosipedli ýörişiň dowamynda ajaýyp beden we sport taýýarlygyny, şahsy göreldesi bilen işjeň hem-de sagdyn durmuş ýörelgesiniň artykmaçlyklaryny görkezdi. Türkmenistanyň at gazanan tälimçisi bolan döwlet Baştutanymyz Gahryman Arkadagymyzyň ýola goýan asylly maşgala ýörelgelerini mynasyp dowam etdirip, sport bilen yzygiderli meşgullanmaga uly üns berýär, munuň özi adamyň fiziki we ruhubelentlik ýagdaýyna oňat täsir etmek bilen, zähmetsöýerlik, özüňe erk etmek, maksada okgunlylyk ýaly häsiýetleriň kemala gelmegine ýardam berýär.

Döwlet Baştutanymyz wise-premýere bu ugurdaky toplumlaýyn işleri dowam etdirmegi tabşyryp, türkmen paýtagtynyň yzygiderli abadanlaşdyrylmagyna hem-de bagy-bossanlyga bürelmegine, şäherde nusgalyk arassaçylyk derejesiniň saklanmagyna, ekologik abadançylygyň üpjün edilmegine aýratyn üns berilmeginiň zerurdygyny belledi.

Welosiped sporty baradaky gürrüňe gaýdyp gelmek bilen, onuň taryhynyň 1868-nji ýylda Fransiýada guralan ilkinji resmi ýaryşlardan — iki kilometr aralyga geçirilen bäsleşiklerden başlanandygyny ýatlatmak isleýäris. 1896-njy ýylda sportuň bu görnüşi Afinyda geçirilen birinji tomusky Olimpiýa oýunlarynyň maksatnamasyna girizildi. 1900-nji ýylyň aprel aýynda bolsa Parižde Halkara welosipedçiler birleşigi (UCI) döredildi.

Baýramçylyk çärelerinde Türkmenistanda amala aşyrylýan döredijilikli, parahatçylyk söýüjilikli we oňyn syýasat öz beýanyny tapdy hem-de ýurdumyzyň hemmetaraplaýyn okgunly ösüşini alamatlandyryp, Diýarymyzyň belent halkara abraýynyň nyşany boldy.

# Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow Saud Arabystany Patyşalygyna sapary amala aşyrdy

*(Başlangyjy 2-nji sahypada).*

lybas geýnen zyýaratçylar hökmany tawafy ýerine ýetirýärler, ýagny Käbäniň daşyndan ýedi gezek aýlanýarlar. Ýöriş mukaddes Gara daşyň sag burçundan başlanýar.

Bu dessur sag eliňi galdyryp, Käbä salam bermek bilen başlanýar.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hem-de wekiliýetiň agzalary mukaddes Zemzem çeşmesinden suw içdiler we Beýik Biribardan doga-dileg etdiler.

Soňra türkmen zyýaratçylary saý dessuryny ýerine ýetirdiler, ýagny Gurhanda ady geçýän Safa we Merwe daglarynyň arasynda ýedi gezek aýlandylar. Bu dessur hem sag eliňi ýokary götermekden başlanýar.

Soňra döwlet Baştutanymyz Serdar Berdimuhamedow mukaddes Käbäniň daşyna çykyp, halkymyzyň bagtyýarlygynyň, nurana geljeginiň, Watanymyzyň berkararlygynyň, abadançylygynyň, ählumumy parahatçylygyň we hajy Arkadagymyzyň beýik başlangyçlarynyň mundan beýläk-de rowaç almagynyň bähbidine ýagşy dilegleri etdi.

2-nji iýunda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Saud Arabystany Patyşalygyna saparynyň çäklerinde Medine şäherine bardy.

Ozal habar berlişi ýaly, düýn döwlet Baştutanymyz mukaddes Mekge şäherine — Muhammet pygamberiň Watanyna umra hajyna barýan ähli zyýaratçylaryň berjaý etmeli dessurlaryny ýerine ýetirdi. Şu ýerde ýene-de bir möhüm wakany belläp geçmek ýerlikli bolar. Iýun aýynyň 1-inden 2-sine geçilýän gijede, Arkadagly Serdarymyzyň zyýaraty wagtynda mukaddes Käbäniň — Allatagalanyň öýüniň keramatly örtügi serpilip, mübärek gapylary açyldy we onuň içinde namaz okamak üçin örän seýrek mümkinçilik döredildi. Şeýle-de hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa mukaddes Käbeden keramatly nyşan hasaplanýan teperrik gowşuryldy.

Halkymyzyň taryhynda şeýle aýratyn mümkinçilik ilkinji gezek 2016-njy ýylyň maý aýynda hajy Arkadagymyzyň mukaddes Käbä zyýaraty wagtynda döredildi. Häzirki waka bolsa Saud Arabystany Patyşalygynda türkmen halkyna, Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimize, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa, ýurdumyzyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowa bildirilýän çuňňur hormat-sarpanyň nobatdaky güwäsi boldy.

Irden hormatly Prezidentimiz Mekgeden Jidda şäherine geldi. Patyşa Abdulaziz adyndaky Halkara howa menzilinden döwlet Baştutanymyzyň uçary musulmanlar üçin ähmiýeti boýunça ikinji şähere — Medinä ugrady.

Muhammet pygamber biziň eýýamymyzyň 622-nji ýylynda Mekgeden hijret edenden, ýagny göçenden soňra, Medinede ýaşaýar we yslam dinini wagyz edýär. Musulmanlaryň hijri ýyl hasaby hem öz gözbaşyny şol seneden alyp gaýdýar. Bu ýerde pygamberimiz öz sahabalaryny daşyna jemläp, sekiz ýyldan soňra, ýeňiş bilen ýene Mekgä dolanyp barýar. Medine şäheri adamzat taryhynda ilkinji musulman döwletiniň paýtagty bolup, yslam dini bu ýerden tutuş dünýä ýaýraýar.

…...Bir sagada golaý wagtdan uçar Şazada Muhammed bin Abdulaziz adyndaky Halkara howa menziline gelip gonýar. Bu ýerde döwlet Baştutanymyz Serdar Berdimuhamedowy Medine welaýatynyň häkimi Feýsal bin Salman Al Saud we beýleki resmi adamlar garşylaýarlar.

Bu ýerde geçirilen söhbetdeşligiň dowamynda hormatly Prezidentimiz hem-de Medine welaýatynyň häkimi, Patyşanyň başinji ogly Feýsal bin Salman Al Saud deňhukuklylyk we özara hormat goýmak esasynda alnyp barylýan döwletara gatnaşyklaryň häzirki derejesine ýokary baha berdiler.

Söhbetdeşler Türkmenistanyň we Saud Arabystany Patyşalygynyň ikitaraplaýyn esasda bolşy ýaly, köptaraplaýyn görnüşde, şol sanda abraýly guramalaryň ugry boýunça özara gatnaşyklarynyň netijeli häsiýetini kanagatlanma bilen belläp, dostluga, özara bähbitli hyzmatdaşlyga esaslanýan türkmen-saud gatnaşyklarynyň mundan beýläk-de pugtalandyryljakdygyna ynam bildirdiler.

Hormatly Prezidentimiziň awtoulag kerweni howa menzilinden Muhammet pygamberiň metjidine tarap ugur alýar.

Musulman Gündogarynyň bu meşhur şäheri bolan Mekgä "Al-mukarram", "Umm-al-kura" («Mübärek şäher», «Şäherleriň enesi»), Medinä bolsa "Al-munawwara", ýagny "Nurana Medine" ýaly aýratyn atlaryň berilmegi tötänden däldir. Häzirki wagtda 1 milliondan gowrak ilaty bolan bu iri şähere her ýyl şonçarak zyýaratçy gelýär.

Bu toprakda Muhammet pygamberiň jaýlanandygy üçin Medine şäheri Mekge bilen deň derejede tutuş dünýäniň musulmanlary üçin mukaddesdir. Zyýaratçylar şäherde ýerleşýän "Jennet al-Baky" öwlüýäsine zyýarat etmegi özlerine parz hasaplaýarlar. Bu ýerde pygamberimiziň maşgalasy Aýşanyň we onuň gyzy Patmanyň, şeýle-de birnäçe halyflaryň guburlary bar.

Muhammet pygamberiň metjidi (Al-Masjid an-Nabawi) dünýäde ululygy boýunça ikinji metjit bolup, şäheriň esasy we ajaýyp künjegidir. Onuň gurluşygyna pygamberimiziň hut özi gatnaşypdyr. Aradan çykandan soň ol bu ýerde jaýlanýar. Ondan soňky yslam hökümdarlary metjidi has-da giňeldýärler.

Bişen kerpiçden gurlan bu toplum diňe bir ölçegleri däl, eýsem, bezegi bilen hem tapawutlanýar. Onuň bezeg işlerinde mermeriň seýrek görnüşleri hem-de gymmat bahaly metallar ulanylypdyr. Ol gözelligi bilen görenleri haýran galdyryp, musulman binagärliginiň iň ajaýyp nusgalarynyň biri hökmünde uly şöhrata eýedir. Metjidiň häzirki ölçegleri ilkinji gurlan binasyndan ýüz esse töweregi uludyr. Häzirki döwürde Muhammet pygamberiň metjidi köne Medine şäherinden hem uly meýdany eýeleýär.

Metjidiň esasy girelgesiniň agzynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowy onuň ymamy hormat bilen garşylaýar. Döwlet Baştutanymyza metjidiň taryhy barada we onuň bilen bagly rowaýatlary gürrüň berdiler.

Metjidiň takyk gurlan wagty belli däl. Ol baradaky maglumatlara XII asyryň başyna degişli köne golýazmalarda duş gelmek bolýar. Muhammet pygamberiň metjidi musulman jemgyýetiniň durmuşynda hemişe aýratyn orny eýeläp gelýär. Bu ýerde yslama laýyklykda, dini ybadatlar ýerine ýetirilipdir. Metjit ilkinji ýyllarynda dürli wezipeleri ýerine ýetiripdir, onda möhüm jemgyýetçilik çäreleri geçirilipdir, bu ýerde kazyýet we mekdep ýerleşipdir.

Hut şu metjidiň çäginde täsin künjek — behişdiň ýerdäki bölejigi ýerleşýär diýlip hasaplanýar. Rowaýata görä, ol künjek kyýamatda hem abat galarmyş.

Metjide mermer düşelip, onuň üstünden nepis halylar ýazylypdyr. Daşky diwarlary we gapylary dürli reňkli daşlar bilen bezelipdir. Bu ýere gelen her bir musulman pygamberimize salawat aýtmaly.

Muhammet pygamberiň kümmeti toplumyň günorta-gündogar böleginde, metjitdäki ýeke-täk ýaşyl gümmeziň aşagynda ýerleşýär. Pygamberimiziň gubrunda XI asyrda ýazylan "Nuretdin Mahmut Metjit" diýen ýazgy saklanyp galypdyr. Ol atabeg türkmenlerinden bir hökümdaryň adydyr. Pygamberimiziň kümmetiniň ýanynda onuň ýakyn egindeşleri — hezreti Ebu Bekiriň we hezreti Omaryň guburlary bar.

Musulman dünýäsinde Mekge we Medinäniň arasynda tapawut goýulmaýar, çünki bu iki mukaddeslik yslamda deň-derejede ähmiýetlidir. Bu ýere haja zyýarata gelenler beýleki musulmanlar üçin ruhy halypa hasaplanýar. Zyýaratçylaryň iki mukaddes ýere hem şol bir wagtyň özünde zyýarat eden halatlary seýrekdir. Döwlet Baştutanymyzyň häzirki umra hajyny Arkadagly Serdarymyza we Garaşsyz Türkmenistana bildirilen aýratyn hormat-sarpanyň nyşany hökmünde kabul etmek bolar. Hatda pygamberimiziň hadysynda-da: "Käbeden soňra Muhammet pygamberiň metjidinde okalan namaz beýleki okalan namazlardan müň esse sogaplydyr" diýilýär. Musulmanlar bu ýerde edilen doga-diplegleriň hökman kabul boljakdygyna ynanýarlar.

Häzirki döwürde bu örän uly metjit inženerçiligiň ajaýyp nusgasydyr. 89 girelgesi bolan binany awtomatik ýagdaýda açylyp-ýapylýan, hersiniň agramy 80 tonna bolan gümmezler bezeýär. Bu ýerde beýikligi 100 metrden gowrak 10 sany minara bolup, olaryň ikisi pygamberimiziň ýaşan wagtyndan bäri saklanyp galypdyr. Olar gözelligi bilen haýran galdyryp, binagärlik nukdaýnazaryndan uly gyzyklanma döredýär.

Toplum 27 sany namaz okalýan howlyny özünde jemleýär. Metjitde şol bir wagtyň özünde 600 müň adam ýerleşip bilýär. Ýöne haj wagtynda bu ýere her ýyl milliondan gowrak adam gelýär. Metjidiň ägirt daş "saýawanlary" zyýaratçylary ýagyşdan hem-de Günüň gyzgyn şöhlesinden goraýar.

Mundan başga-da, metjit dünýädäki iň uly suw we elektrik üpjünçilik ulgamy, döwrebap sowadyş ulgamlary bilen üpjün edilendir. Olar metjitden 7 kilometre çenli uzaklykda ýerleşdirilipdir. Agşamlaryna Al Masjid an-Nabawiniň yşyklandyrylyşy ajaýyp görnüşleri döredýär. Metjidiň dört burçunda ýerleşdirilen minaralar has ýagty yşyklandyrylýar.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow wekiliýet agzalary bilen bilelikde Muhammet pygamberiň metjidiniň hormatyna namaz okady. Pygamberimiziň müdimilik aram tapan ýerinde Beýik Biribardan ata Watanymyzyň abadançylygy, halkymyzyň parahatçylygy we rowaçlygy üçin doga-dilegler edildi.

Hajy Arkadagymyzyň 2016-njy ýylda bu ýerde bolup, namaz okandygyny hem-de mukaddes toprakda ýagşy dilegleriň, umyt-arzuwlaryň Beýik Biribaryň dergähinde kabul bolmagyny dileg edendigini bellemek gerek. Munuň özi türkmen halkynyň yslam dünýäsinde mukaddes saýylýan gymmatlyklara aýratyn gadyr goýmak däbiniň taryhyň jümmüşinden gelýändiginiň we nusgalyk asylly ýörelgeleriň häzirki döwrüň ruhuna kybap derejede ösdürilýändiginiň nobatdaky beýany bolupdy.

Ine, bu gün bolsa Arkadagly hajy Serdarymyz peder ýoluny dowam edip, ýurdumyzyň hormatly ýaşululary hem-de kümüş saçly eneleri bilen bilelikde keramatly topraga gelip, haj parzyny berjaý etmegi peder-perzent mekdebiniň asylly ýörelgeleriniň dowamata atarylýandygyny äşgär edýän pursatlara öwrüldi.

Arkadagly hajy Serdarymyzyň ýaşulular hem-de ak gyňaçly eneler bilen bilelikde mukaddes ýerlerde ybadat etmegi türkmen ilinde agzybirlik ýörelgeleriniň rowaçlyklara beslenýändiginiň we hajy Arkadagymyzyň milli gymmatlyklary esasy ugur edinýän başlangyçlarynyň döwrebap derejede dowam etdirilýändiginiň aýdyň nyşanydyr.

Her bir musulman üçin mukaddes bolan ýerlere zyýaratdan soňra, hormatly Prezidentimiziň awtoulag kerweni Medinäniň Şazada Muhammed bin Abdulaziz adyndaky Halkara howa menziline ugraýar.

Döwlet Baştutanymyz Saud Arabystany Patyşalygynyň wekillerine mukaddes toprakda — yslam dininiň watanynda türkmen wekiliýetine bildirilen myhmansöýerlik üçin çuňňur minnetdarlygyny beýan edip, Watanymyza ugrady.

Birnäçe sagatdan soňra, hormatly Prezidentimiziň uçary paýtagtymyzyň Halkara howa menziline gondy.

Bu ýerde döwlet Baştutanymyzy resmi adamlar garşy aldylar hem-de hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowy Saud Arabystany Patyşalygyna saparynyň üstünlikli tamamlanmagy we umra hajyny berjaý etmegi bilen tüýs ýürekden, mähirli gutladylar.

Интернет газета
Международные новости

## В ЧЕСТЬ МЕЖДУНАРОДНОГО ДНЯ ЗАЩИТЫ ДЕТЕЙ ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОСЕТИЛ СТОЛИЧНЫЙ «DÖWLETLILER KÖŞGI»

Как известно, 1 июня Туркменистан вместе с мировым сообществом по традиции отметил Международный день защиты детей. Ратифицировав принятую Организацией Объединённых Наций Конвенцию о правах ребёнка, наша страна на деле демонстрирует высокую ответственность в обеспечении оптимальных условий жизни для своих юных граждан. В преддверии этой замечательной даты, Президент Сердар Бердымухамедов посетил столичный Дворец «Döwletliler köşgi», где принял участие в праздничном мероприятии.

Всемерная забота о детях, их благополучии и гармоничном развитии – приоритет государственной политики независимой нейтральной Отчизны, где находят своё воплощение исконные гуманистические принципы туркменского народа, его сложившиеся веками мудрые духовно-нравственные устои.

Утром Президент Сердар Бердымухамедов прибыл на площадку перед Дворцом «Döwletliler köşgi», беломраморные корпуса которого поднялись в южной части столицы, в живописных предгорьях Копетдага.

С огромным воодушевлением и радостью Президента Туркменистана приветствовали юные воспитанники Дворца, подготовившие по случаю этого события яркое песенно-танцевальное выступление. В «Döwletliler köşgi» для ребят созданы прекрасные условия, чтобы они могли проявить свои творческие способности и таланты, заниматься разными видами искусств.

По достоинству оценив мастерство юных артистов, глава государства проследовал в здание Дворца. Здесь Президент Сердар Бердымухамедов посетил библиотечно-музейный комплекс, где в распоряжении ребят – многочисленные книжные издания, дающие им возможность расширять свой кругозор, повышать интеллектуальный потенциал, приобщаться к современным знаниям. В музее представлены различные материалы, в том числе в видеоформате, рассказывающие об истории создания «Döwletliler köşgi» и его жизнедеятельности.

Затем Президент Туркменистана побеседовал с юными воспитанниками Дворца. Обращаясь к ребятам, глава государства расспросил, как идут дела, как они отдыхают и проводят свободное время, а также поинтересовался их успехами в учёбе и хорошо ли они завершили учебный год.

Как подчеркнул Президент Сердар Бердымухамедов, 1 июня в нашей стране, как и во всём мире, отмечается Международный день защиты детей. В то же время для ребят, окончивших школу, начинаются выпускные экзамены. С наступлением летних каникул юные туркменистанцы отдыхают в детских оздоровительных центрах,



построенных в одном из красивейших уголков страны, укрепляют своё здоровье.

Сердечно поздравив воспитанников «Döwletliler köşgi» с Международным днём защиты детей, а также с успешным завершением учёбы, глава Туркменистана отметил, что наше государство всегда заботится о том, чтобы дети хорошо отдохнули, получали высококачественное образование и воспитание. В году, девиз которого «Эпоха народа с Аркадагом», во всех уголках Родины на регулярной основе будут продолжены строительство и ввод в эксплуатацию современных школ и детских садов.

Обращаясь к ребятам, Президент Туркменистана напутствовал их на усердную учёбу и пожелал быть трудолюбивыми. Дети – наше будущее, цветы нашей жизни. Поэтому самое лучшее предназначается для вас, и так будет всегда, подчеркнул глава государства. Мы и впредь будем заботиться о том, чтобы наши дети хорошо учились, отдыхали, раскрывали свои способности и таланты. Создадим все условия для воспитания образованного, эрудированного, физически крепкого, духовно богатого молодого поколения. Юные туркменистанцы всегда будут ощущать заботу и поддержку государства, сказал Президент Сердар Бердымухамедов.

Ещё раз сердечно поздравив всех с Международным днём защиты детей и окончанием учебного года, глава Туркменистана пожелал ребятам крепкого здоровья, больших успехов в учёбе и жизни, чтобы они стали достойными сыновьями и дочерями Отчизны.

В свою очередь, отвечая на вопросы Президента Туркменистана, дети с чувством гордости рассказали о созданных для них замечательных условиях для плодотворной учёбы, полноценного отдыха и полезного времяпрепровождения, о своих интересах, о том, что помимо уроков они с увлечением занимаются творчеством и вместе с тем обязательно уделяют время физкультуре и спорту.

Примечательно также, что 1 июня ребятам будут вручены праздничные подарки от имени Героя-Аркадага и за счёт средств Благотворительного фонда по оказанию помощи нуждающимся в опеке детям имени Гурбангулы Бердымухамедова. В данном контексте следует подчеркнуть, что на подарки юным туркменистанцам, нуждающимся в особой социальной поддержке, по случаю Международного дня защиты детей Фондом в целом выделено 500 тысяч манатов.

По просьбе детей глава государства сфотографировался с ними на память, после чего ознакомился с созданными здесь бытовыми условия¬ми, а также с учебными классами, поинтересовавшись их профильным оснащением. Внимание Президента Туркменистана привлекли и возможности, предусмотренные для занятий физической культурой и различными видами спорта, что является важным фактором укрепления здоровья подрастающего поколения.

Тепло попрощавшись с ребятами и адресовав им самые наилучшие пожелания, Президент Сердар Бердымухамедов отбыл с места события.

Таким образом, можно с уверенностью сказать, что в деле обеспечения счастливой жизни своих юных граждан независимый нейтральный Туркменистан добился впечатляющих результатов.

Как подчёркивает Председатель Халк Маслахаты Милли Генгеша Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов, в туркменском обществе детей, лишившихся родителей, не оставляют в одиночестве. В данном контексте следует отметить, что с момента своего создания Благотворительный фонд проводит широкую эффективную работу. Действующий при нём Совет старейшин призван оказывать Фонду всестороннее содействие в решении поставленных задач и различных воп¬росов. Всё это позволяет ребятам в полной мере ощутить проявляемую о них заботу и занять достойное место в обществе.

Дальновидная государственная стратегия, реализуемая в Туркменистане в данном направлении, даёт зримые результаты. Ежегодно в регулярные занятия спортом вовлекается всё больше юных туркменистанцев, которые активно участвуют в различных соревнованиях, а также в проводимых в Отчизне массовых спортивных мероприятиях. К примеру, в нынешнем году к состоявшемуся в столице традиционному велопробегу по случаю Всемирного дня здоровья, в котором принял участие Президент Сердар Бердымухамедов, с энтузиазмом присоединились воспитанники Дворца «Döwletliler köşgi». Следуя по маршруту, ребята продемонстрировали своё мастерство езды на велосипедах, подаренных им Героем-Аркадагом. Примечательно, что юные спортсмены из Дворца «Döwletliler köşgi» уже не раз участвовали в подобных спортивно-оздоровительных акциях.

Таким образом, независимый нейтральный Туркменистан можно с полным на то правом назвать страной счастливого детства, где сбываются заветные мечты. И радостные улыбки на лицах наших юных соотечественников – лучшее тому подтверждение.

## DIPLOMATIC MISSIONS OF TURKMENISTAN ABROAD ORGANIZED BIKE RIDES ON THE OCCASION OF THE WORLD BICYCLE DAY

The Embassies, Permanent Representations and Consulates of Turkmenistan abroad hold mass cycling events dedicated to the World Bicycle Day. This international date, established on the initiative of Turkmenistan by the UN General Assembly and adopted on April 12, 2018, is widely celebrated in Turkmenistan and other countries.

Thus, in honor of the World Bicycle Day, the Embassy of Turkmenistan in the United Kingdom of Great Britain and Northern Ireland in London organized a bike ride together with the British organization Ride London, which was attended by the Embassy staff, Turkmen students studying in the UK, as well as local residents.

The Permanent Mission of Turkmenistan to the UN Office in Geneva held a mass bike ride. Employees of the diplomatic mission of the country and their families, as well as athletes and Turkmen students attended this sports event, which was held in front of the UN Office in Geneva.



In addition, the Consulate General of Turkmenistan in the city of Mashhad, Iran, in the city park «Ghadir» held a bike ride with the participation of diplomats and cycling enthusiasts.

In the capital of the Republic of Korea, the city of Seoul, the Embassy of Turkmenistan held a bike ride in Hangang Park with the participation of diplomatic mission staff, Turkmen students and numerous representatives of local youth.

Also, bike rides took place in the capitals of Russia, Uzbekistan, Kazakhstan, Kyrgyzstan, Turkey, Armenia, Georgia, Romania, Austria, Germany, Belarus, Malaysia and India. Turkmen and foreign diplomats, heads of public and sports organizations and youth took part in the mass races.

Cycling is gaining more and more popularity in the world. And the bicycle holiday unites all countries and peoples. This is another contribution of our country to global development, the health movement and the achievement of the Sustainable Development Goals.



## НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

***Туркменское Посольство в Минске поддерживает межкультурную коммуникацию среди студентов***

Представители Посольства Туркменистана в Минске приняли участие в мероприятии, прошедшем во вторник в Белорусском государственном медицинском колледже. Здесь состоялся семинар по вопросам организации образовательного процесса и воспитательной работе со студентами БГМК, среди которых немало и иностранных, в том числе из Туркменистана.

Речь шла не только о применении методик обучения мирового уровня, использовании современных технологий, позволяющих формировать и развивать профессиональное мышление, готовить компетентных, конкурентоспособных специалистов.

***Климатические изменения – на повестке дня регулярных совещаний от ПРООН***

В последний день весны в Ашхабаде прошло третье координационное совещание по климатическим вопросам, которое в гибридном формате провели ПРООН и Посольство Великобритании в Туркменистане.

Участникам мероприятия была представлена обновленная информация о выполнении Повестки дня в области изменения климата, а также инициативы и планы по поддержке Туркменистана в борьбе с изменением климата и сокращению выбросов парниковых газов.

***Семинар по возобновляемой энергетике***

Туркменские специалисты приняли участие в обучающем онлайн-семинаре по изучению международного опыта в области разработки нормативных технических документов для развития возобновляемой энергетики в Туркменистане.

Тренинг организован в рамках проекта «Устойчивые города в Туркменистане: Комплексное развитие зеленых городов в Ашхабаде и Авазе», реализуемого Министерством сельского хозяйства и охраны окружающей среды Туркменистана совместно с Программой развития ООН. Он собрал представителей Министерства энергетики Туркменистана,преподавательский состав Государственного энергетического института Туркменистана, специалистов Научно-производственного центра «Возобновляемые источники энергии» (ВИЭ) и т.д.

Цель вебинара - ознакомить с новым сектором электроэнергетической отрасли - возобновляемой энергетикой изучить международный опыт по разработке нормативных документов и передовых практик в области использования возобновляемых источников энергии, а также по внедрению в электроэнергетическую отрасль инновационных энергоэффективных технологий.

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***